THE ASHGABAT TIMES

S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersiteti 2024-2025-nji okuw ýyly üçin aşakdaky hünärler (hünärmen maksatnamasy) we taýýarlygyň ugurlary (bakalawr maksatnamasy) boýunça talyplyga kabul edýär

**I. Hünärmen maksatnamasy (býujet esasynda):**

1. Oba, tokaý we balyk hojalygy (hünärler: **agronomçylyk; ýüpekçilik; bagbançylyk, miweçilik we gök ekerançylyk; tokaý we seýil bag hojalygy; oba hojalyk ekinleriniň seçgisi we tohumçylygy; gidromeliorasiýa; oba hojalygyny mehanizmleşdirmek; melioratiw işleri mehanizmleşdirmek; oba hojalygy (inženermugallymlary taýýarlamak); ösümlik ýagyny öndürmek**).

2. Weterinariýa we zootehniýa (hünär: **weterinar lukmançylygy**).

**II. Hünärmen maksatnamasy (tölegli esasda):**

1. Oba, tokaý we balyk hojalygy (hünärler: **ösümlikleri goramak; miwegök önümlerini gaýtadan işlemek; etsüýt önümlerini gaýtadan işlemek; dänäni gaýtadan işlemek; pagtanyň ilkinji işlenilişi; agrohimiýa we agrotopragy öwreniş**).

2. Dokma we ýeňil senagatyň tehnologiýalary (hünärler**: mata önümçiligi; tikinçilik önümçiliginiň tehnologiýasy; tebigy süýümleri egirmek**).

3. Amaly geologiýa, dag işleri, nebitgaz işi we geodeziýa (hünär: **ýer gurluşygy we kadastrlar**).

**III. Bakalawr maksatnamasy (býujet esasynda):**

1. Weterinariýa we zootehniýa (taýýarlygyň ugurlary: **zootehniýa; senagat balykçylygy; kinologiýa**).

**IV. Bakalawr maksatnamasy (tölegli esasda):**

1. Ykdysadyýet we dolandyryş (taýýarlygyň ugurlary: **oba hojalygynyň ykdysadyýeti we dolandyrylyşy; buhgalterçilik hasaba alnyşy we audit (oba hojalygynda))**.

2. Oba, tokaý we balyk hojalygy (taýýarlygyň ugurlary: **ýyladyşhana hojalygy; agroekologiýa**).

3. Informatika we hasaplaýyş tehnikasy (taýýarlygyň ugry: **maglumat ulgamlary we tehnologiýalary (oba hojalygynda)**).

4. Maglumat howpsuzlygy (taýýarlygyň ugry: **maglumat howpsuzlygynyň menejmenti (oba hojalygynda)**).

Все права защищены

22.11.2024

S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersiteti 2024-2025-nji okuw ýyly üçin aşakdaky hünärler (hünärmen maksatnamasy) we taýýarlygyň ugurlary (bakalawr maksatnamasy) boýunça talyplyga kabul edýär

Uniwersitete umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, ýaşy 35-den geçmedik Türkmenistanyň raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlary** welaýat merkezlerinde we Aşgabat şäherinde (Aşgabat we Arkadag şäherleri boýunça) 2024-nji ýylyň 15 – 28-njy iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada rektoryň adyna ýazylan arza;

— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);

— bilimi baradaky resminama (asyl nusgasy);

— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;

— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;

— 3×4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;

— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;

— okuw dersleri boýunça mekdep okuwçylarynyň döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, halkara bäsleşiklere gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde, resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— pasportyny;

— harby şahadatnamasyny ýa-da ýazylyş şahadatnamasyny we ýaşaýan ýeri boýunça harby wekillikden güwähatyny.

Dalaşgär bäsleşiksiz we (ýa-da) okuwa kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Все права защищены

S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersiteti 2024-2025-nji okuw ýyly üçin aşakdaky hünärler (hünärmen maksatnamasy) we taýýarlygyň ugurlary (bakalawr maksatnamasy) boýunça talyplyga kabul edýär

Nädogry berlen maglumatlar we galp resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** uniwersitetde (Aşgabat ş.) aşakdaky möhletlerde geçirilýär:

Ahal welaýaty — iýul aýynyň 31-i – awgust aýynyň 1-i, awgust aýynyň 4-i we 6-sy günleri;

Aşgabat we Arkadag şäherleri — awgust aýynyň 2-3-i, 5-i we 7-si günleri;

Mary welaýaty — awgust aýynyň 6-sy, 8-i we 9-y günleri;

Daşoguz welaýaty — awgust aýynyň 7-si, 9-y we 10-y günleri;

Lebap welaýaty — awgust aýynyň 10-y, 12-si we 14-i günleri;

Balkan welaýaty — awgust aýynyň 11-i, 13-i we 15-i günleri.

**Giriş synaglary** aşakdaky okuw dersleri boýunça geçirilýär:

hünärler: **agronomçylyk; ýüpekçilik; agrohimiýa we agrotopragy öwreniş; bagbançylyk, miweçilik we gök ekerançylyk; ösümlikleri goramak; tokaý we seýil bag hojalygy; oba hojalyk ekinleriniň seçgisi we tohumçylygy; weterinar lukmançylygy;** taýýarlygyň ugurlary: **ýyladyşhana hojalygy; agroekologiýa; zootehniýa; senagat balykçylygy; kinologiýa)** — himiýa, biologiýa, Türkmenistanyň taryhy**;**

hünärler: **gidromeliorasiýa; ýer gurluşygy we kadastrlar; oba hojalygyny mehanizmleşdirmek; melioratiw işleri mehanizmleşdirmek; oba hojalygy (inžener-mugallymlary taýýarlamak);** taýýarlygyň ugurlary: **maglumat ulgamlary we tehnologiýalary (oba hojalygynda), maglumat howpsuzlygynyň menejmenti (oba hojalygynda)** — matematika, fizika, Türkmenistanyň taryhy**;**

hünärler: **miwegök önümlerini gaýtadan işlemek; etsüýt önümlerini gaýtadan işlemek; dänäni gaýtadan işlemek; pagtanyň ilkinji işlenilişi; ösümlik ýagyny öndürmek; mata önümçiligi; tikinçilik önümçiliginiň tehnologiýasy; tebigy süýümleri egirmek)** — fizika, himiýa, Türkmenistanyň taryhy**;**

taýýarlygyň ugurlary: **oba hojalygynyň ykdysadyýeti we dolandyrylyşy; buhgalterçilik hasaba alnyşy we audit (oba hojalygynda)** — matematika, biologiýa, Türkmenistanyň taryhy**.**

Все права защищены

Okuw dersleri boýunça giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda geçirilýär.

Okuw dersleri boýunça giriş synaglary **döwlet dilinde** dilden geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenilen wagtda synaglara esassyz sebäplere görä gelip bilmedikler ýa-da okuw dersleriniň biri boýunça synaglardan geçip bilmedikler soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda, **bäsleşiksiz we talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan:**

— soňky 2-3 ýylyň dowamynda ýokary netijeler gazanan we etrap häkimligi tarapyndan degişli hünärlere ýa-da taýýarlygyň ugurlaryna hödürlenen kärendeçiler we mülkdarlar;

— «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşinde kesgitlenen düzgünlere laýyk gelýänler peýdalanýarlar.

**S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň salgysy:**
**Aşgabat ş., 2009-njy (Görogly) köçe, 143.**
**tel.: 342746, 340777, 342564.**

Şeýle hem şu salgylardan hem okap bilersiňiz:
https://tohu.edu.tm/?/DALA%C5%9EG%C3%84R-2024/&page=73&in=206
S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň resmi web saýty (tohu.edu.tm)

https://www.education.gov.tm/education-details/111
Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň resmi web saýty (education.gov.tm)

Все права защищены